# Dilber

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dilber DILBER

*«Gör, näçe ýyl sensiz geçipdir dilber…»*
*Nobatguly Rejepow*.

«Gör, näçe ýyl sensiz geçipdir dilber»,
Bu gün nirä rowan täleýiň sa:ly?
Näçe aýlar dogdy, saçyp ünjüler,
Çäkler – bagtymyzyň «mawy sakgaly…»

Biweç ýylgyrmagy öwreden durmuş
Juda nadan bagt sapagy babatda.
Hyýalyňy haram eden a:rly gyş
Çilleden gamçysy, otyr şatagtda.

Bilemok – nirede, nähili, haçan?
Dömüp azat bolar gabaran gussam?
Reňksiz batbörekleň ogurlap gaçan
Reňkli düýşlerimi berermi Asman?

Şol gümra düýşleriň yzyndan selpäp,
Ýadymdan çykardym azan adymy.
Ýöne günden gorap, ýeldenem ýelpäp,
Sakladym gursakda näzik ýadyňy:

(Ýadyňdamy, älemgoşar astynda
gözel geljek hakda aýdardyk aýdym?
Unudan ekenik serwim, aslynda
Dünýäniň özüçe saz çalýandygyn…)

* * *

…Kempir dünýe – at ogrusy – karzdarym,
Bagtymyň başynam gamçylap barýa.
Göwnümiň Gögünde süýnen ýyldyzym

Şapakdan şapaga salam iberýä.

Algymyň awçysy şol salamlara
Gelmese-de hergiz waleýk-gaýtawul.
Nobatymy alyp, her agşamara,
Durýan umyt külbesinde garawul.

Gözüne köz degsin höçjet umydyň,
Sargartsa-da ýyllar göwni didarda.
Bahasy tapdyrýar bu gün her zadyň.
Umyt weli, tapdyryp dur ygrarda…

«Gör, näçe ýyl sensiz geçipdir dilber»,
Bu gün nirä ýörsem ýol saňa bakýar.
Aýzada dertlerden dömen gijeleň
Sowuk eli şindem gapymy kakýar…

© Taýmaz SEÝIDOW. Goşgular